# Salawat çekişmesi

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Salawat çekişmesi SALAWAT ÇEKIŞMESI




Öññin Ankaranyñ «Kojatepe» metjidinde bolan waka Gýotäniñ sözüniñ nähili dogrudygyny görkezdi: «Jahyllygyñ herekete geçmesinden gorkunç zat ýok!»
Gýote yslam ýurtlarynda kän tanalanok, tanajak bolup ýatanam ýok.
Metin Uja: «Ýakylmak isleýärin, küllerimi-de Bosfor bogazyna sepeläp goýbersinler».
Köpbilmişler ýene heñkirip başlady: «Waý, ateist, Hudaýyny tanamaýan bihepbe!»
Bar, şeýlemişinem-dä, size näme tapawudy bar?
Şuny bilenoklar: ýakylmak ateistlik däl. Käbir dinlerde ruhuñ ýaşamagy üçin bedeniñ ýakylmalydygyna ynanylýar. Meselem, induizmde şeýle…
Türkiýede ýakylyp depin edilmek üçin kanuny päsgelçilik bolmasa-da, ýakmaga ýörite ýer – krematoriýa ýok, gynansak-da…
Köpbilmişlik satýan jahyllar topbagynyñ esasy bilmeýän zady şu:
«Ölüler özlerini jaýlamaýarlar» sözi bar, munuñ özi merhumyñ hossarlaryna depin işleri boýunça jogapkärçilik ýükleýän söz. Muña karar berjegem hukuk taýdan ygtyýarly hossarlarydyr…




* * *

Şuny-da goşsam gowy bolar:

Jahylyýet döwründe täzeden direlmäge, hasap bermäge, ahyrete ynanylýandygy sebäpli käbir rituallar ýerine ýetirilipdir:

– Jynazanyñ sabynlanyp ýuwulmagy;
– Öliniñ kepenlenmegi;
– Mazara tabyt bilen göterilip äkidilmegi;
– Gölegçileriñ geçýän ugrunda adamlaryñ ör turmagy we merhum öñlerinden geçýänçä oturmazlygy;
– Öli gabyra salynanda dogadyr rahmet okalmagy, salawat getirilmegi;
– Mazaryñ üstüne suw sepelenmegi;
– Ruhuñ göwreden çykmagy bilen bedeniñ durgunlaşýandygyna ynanylmagy…

– Pata ýerde aýat-töwir okalmagy;
– Ýasda söwda edilmezligi;
– Ölen şahsyň nirededigini soranlara «göçdi» diýilmegi…
Hawa, bularyň barsy yslamdan öňki araplaryň depin ýas däpleridi…
Bulary ýazmagymyň sebäbi şu:




* * *
Arheologiki barlaglaryň dowamynda adamzadyň mazar medeniýetiniň 130 müň ýyllyk taryhynyň bardygy çak edilýärdi. Ölülerini birinji gömenleriň agalarymyz neandertallardygy öňe sürülýärdi.

Tapylan iñ gadymy mazaryñ 100 müñ ýyllyk taryhynyñ bardygy Ysraýyldaky tapyndylarda ýüze çykypdy.
Mundan bäş ýyl öñ… 2018-nji ýylda Günrota Afrikanyñ Ýohannesburg şäheriniñ golaýyndaky»Rising Star» atly gowakda tapylan süñk galyndylary taryhy täzeden ýazdyrdy…
Tapylan 15 adamyñ süñki ownuk bedenli adam populýasiýalary bilen meñzeşdi. Onuñ beýni şetdalynyñ ululygynda, kelläniñ göwrümi beter kiçi – ýakyn garyndaşymyz “homo naledi.
Professor Li Bergeriñ we onuñ toparynyñ gazuw-agtaryş işi aslynda on ýyl öñ başlapdy, emma 15 adamyñ seteran jaýlanmagy başga hakykaty ýüze çykardy: Naledililer 250-300 müñ ýyl öñ ölülerini mazara depin edýän ekenler!
Nijeme müñýyllyklara uzaýan depin medeniýeti bar.
Öleniñ yzynda terbiýesizlik etmek nämä gerek?
Siziñ heý taryhdan habaryñyz bolmaly dälmi, Hezreti Muhammet pygamberimiz (s.a.w) özi we yslam hakda zol ýaramaz sözleri aýtmakdan gaýtmaýan mynapyk Abdylla ibn Ubeýe «kepen» hökmünde köýnegini bermedimi?
Gölegçiler deñesinden geçende hormat bildirip ýerinde turanda, ýanyndakylar «merhumyñ jöhitdigini» duýduranlarynda «onuñam adamdygyny we hormat goýmak gerekdigini» aýtmadymy?
Birem şu günüñ jahyllarynyñ äsgermezçiligini görýäñizmi…




* * *
Metin Uja birinji däl…
1969-njy ýyl. Ankaranyň «Maltepe» metjidinde okalan «Kommunizme garşy göreş» jemgyýetiniň agzalary tarapyndan «Hudaýsyzyň jynazasy okalmaly däl» diýip,
Ýokary Suduň Birinji bölüminiň başlygy bolup işlän Imran Öktemiň jynaza namazynyň üstüni basdy!
Metjitleriň syýasata perde edilmegi dowam edip gidip dur. Özem bir jynaza namazy okalýan pursaty metjidiň howlusynda «salawat getirmelimi getirmeli däl» çekişmesine şaýat bolduk…
Ümsümlik bilen ýerine ýetirilmeli depin işleri indi özüňi

görkezjek bolmalara, daşky görnüşe kowalaşýan sahnalara öwrüldi. Her öňýeten özüçe «dini dabara» oýlap tapýar!
Käbir metjitlerde wahhabylar ýaly zyýanly akymlaryň ritualları zor bilen ýetine ýetirdilýär…
Käbirleri-de kimiň jynaza namazynyň okalyp okalmajagyna karar berýär!
Sowatsyzlyk wirus ýaly ýurdumyzy ýesir alýar.
Merhuma, jynaza namazyna, depin işlerine sylamazçylyk etmek kanuny taýdan jenaýatdyr.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 21.11.2023 ý. Publisistika